Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2022-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna
## на 1 июля 2022 года

Aşgabat 2022

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY

MADDY DÄL AKTIWLERI YKRAR ETMEGIŇ WE HASABA ALMAGYŇ AÝRATYNLYKLARY
3

YKDYSADY ÖSÜŞIŇ MILLI NUSGASY
6

«ELEKTRON-SÖWDA» ULGAMY
10

TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ HYZMATLARY ÖSÜŞ ÝOLUNDA
13

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
15

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
17

# Maddy däl aktiwleri ykrar etmegiň we hasaba almagyň aýratynlyklary

Häzirki wagtda ylmy-tehniki özgerişleriň, maýa goýum işjeňliginiň ösmegi bilen hojalyk subýektleriň aktiwlerinde maddy däl aktiwleriň paýy yzygiderli artýar.

Subýektler tarapyndan önümçilik ýa-da hyzmat ulgamynda kärendä bermek ýa-da administratiw maksady bilen ulanylýan, maddy mazmuny bolmadyk hem-de monetar däl diýip kybaplandyrylýan aktiwler maddy däl aktiwler diýip hasaplanylýar.

Intellektual eýeçiliginiň aşakdaky obýektleri, ýagny:

- oýlap döredilen zada, senagat nusgasyna patent eýesiniň aýratyn hukugy;
- programma üpjünçiligine bolan aýratyn awtorlyk hukugy;
- integral mikroshemanyň topologiýasyna bolan awtorlyk ýa-da başga bir eýeçilik hukugy (maddy göterijide ýazylan integral mikroshemanyň bölekleriniň jeminiň ýerleşişi we olaryň özara baglanşygy);
- haryt nyşanyna ýa-da edilýän hyzmatyň nyşanyna, harytlaryň ýerleşýan ýeriniň adyna bolan aýratyn hukugy (mysal üçin «Boržomi» suwlary, parmezan peýnirleri);
- patent eýesiniň seleksion işinde gazanan üstünliklere (açyşlara) bolan aýratyn hukugy maddy däl aktiwleriň düzümine degişli bolup durýar.

Intellektual işiň netijesi däl-de, şol netijäni ulanmaga aýratyn hukugyň bolmagy maddy däl aktiw hökmünde ykrar edilýär.

Maddy däl aktiwler kesgitlenende olary kybaplamak mümkinçiligine aýratyn üns berilmelidir.

Kybaplaşdyrmak - obýekti diňe maddy taýdan umumy emläk toplumyndan saýlap çykarmak mümkinçiligini aňlatmaýar. Aktiwiň aýrybaşgalanmagy, ýagny ony satmak, kärendä bermek, çalyşmak ýa-da bu aktiw bilen bagly gelejekde garaşylýan anyk ykdysady bähbitleri paýlamak, oňa degişli ýuridik hukuklary geçirmek maddy däl aktiwiň kybaplanmagynyň alamatlary bolup durýar. Eger-de aktiw gelejekki ykdysady bähbitleri başga bir aktiwler bilen bilelikde döredýän bolsa, ýöne kärhana bu aktiwi ulanmak bilen bagly peýdalary kesgitläp bilse, onda ol kybaplandyrylýan aktiw diýip hasaplanylýar.

Kärhananyň balansynda aktiwi maddy däl aktiw hökmünde ykrar etmegiň ülňileri, aktiwleri ykrar etmegiň maliýe hasabatlarynyň halkara standartlary (mundan beýläk - MHHS) tarapyndan bellenen umumy ülňilerine esaslanýar. Maddy däl aktiw aşakdaky iki şertler bilelikde berjaý edilen ýagdaýynda maliýe hasabatlylygynda hasaba alynýar:

- aktiwde bar bolan gelejekki ykdysady bähbitleriň kärhana gelip gowuşmak mümkinçiligi;
- aktiwiň bahasyny ýeterlikli derejede ygtybarly kesgitläp bolmagy.

Maddy däl aktiwler ykrar edilende özüne düşýan gymmaty boýunça, ýagny ony satyn almak üçin hakyky edilen çykdajylaryň möçberinde hasaba alynýar. Maddy däl aktiwler satyn alnanda ony ulanmak üçin zerur bolan ýagdaýa getirmek üçin göniden-göni harajatlar hem hakyky edilen çykdajylaryň moçberine goşulýar. Paýly gymmatly kagyzlaryna (mysal üçin aksiýalaryna) çalşylyp alnan maddy däl aktiwler şol gymmatly kagyzlaryň adalatly bahasy boýunça ykrar edilýär. Şeýle hem başga tapawutly aktiwlere çalşylyp alnan maddy däl aktiwler, çalşylan aktiwiň adalatly gymmatyna deň (tölenen pul serişdelerini ýa-da onuň ekwiwalent tölegini hasaba almak bilen) möçberde ykrar edilýär. Eger maddy däl aktiw başga bir meňzeş aktiwe çalşylyp alnan bolsa, onda ol hasapdan çykarylan aktiwiň balans

bahasyna deň bolan möçberde ykrar edilýär.

Kärhanalaryň birikmeginiň netijesinde alnan maddy däl aktiwler, kärhanalaryň birigen senesi ýagdaýyna adalatly bahasy boýunça hasaba alynýar. Adalatly bahasyny kesgitlemek üçin şol aktiwler boýunça bazaryň işjeňligi barlanylýar, olar bilen soňky wagtda geçirilen amallaryň seljermesi geçirilýär hem-de degişli işjeňlikde bahalary kesgitlemegiň dürli usulyýetleri (mysal üçin diskontirleme) ulanylýar.

Ylmy-gözleg we konstruktorçylyk işläp taýýarlamalary üçin edilen çykdajylar, aktiw bilen bagly geljekki peýdalaryň anyk bolmanlygy sebäpli, maddy däl aktiwler hökmünde ykrar edilmeýär. Olar ýüze çykan wagtynda çykdajylaryň hasabynda ykrar edilýär. Konstruktor işläp taýýarlamalaryna edilen harajatlar maddy däl aktiwler baradaky umumy kesgitlemä hem-de ykrar etmegiň umumy ülňilerine bildirilýän talaplary kanagatlandyran ýagdaýynda, maddy däl aktiw diýip ykrar edilip bilner. Mundan başga-da şol bir wagtda indiki talaplar ýerine ýetirilmelidir:

- ulanyp ýa-da satyp boljak, döredilen maddy däl aktiwi döretmegi tamamlamak mümkinçiliginiň tehniki esaslandyrmasynyň bolmagy;
- kärhananyň maddy däl aktiwi döretmek boýunça işlerini tamamlamaklyga we ony ulanmaklyga ýa-da gelejek döwürlerde satmaklyga berk ynamynyň bolmagy;
- geljekde döredilen maddy däl aktiwi peýdalanmak ýa-da satmak mümkinçiliginiň bolmagy;
- maddy däl aktiwi ulanmakdan nähili ýagdaýda geljekki ykdysady bähbitleriň alnyp boljagynyň subutnamasynyň (aktiwi ulanmak üçin bazaryň ýa-da kärhananyň içinde ulanylmagyna haýrynyň) bolmagy;
- maddy däl aktiwi işläp taýýarlamagy tamamlamak we soňra peýdalanmak ýa-da satmak üçin tehniki, maliýe hem-de beýleki mümkinçilikleriniň ýeterlikli bolmagy;
- aktiwiň işläp taýýarlanylmagyna degişli çykdajylaryň ygtybarly bahalandyrmaga kärhananyň ukybynyň bolmagy.

Maddy däl aktiwleri ykrar etmegiň we bahalandyrmagyň umumy kabul edilen talaplaryndan ugur alnanda, kärhana tarapyndan döredilen obýektleriň aglaba bölegi maddy däl aktiw hökmünde hasaba alynmaýar. Şeýle obýektleriň sanawynda – söwda  nyşanlarynyň atlary, müşderiler barada maglumat binýady we ş.m. görkezilýär.

Maddy däl aktiwler bilen bagly bolan ähli harajatlar çykdajylaryň hasabynda ykrar edilýär. Maddy däl aktiwleriň obýekti hasaba alnandan soň edilen çykdajylar aşakdaky şertleri ýerine ýetiren ýagdaýynda şol obýektiň bahasyny artdyryp biler:

- eger-de edilen çykdajylaryň netijesinde aktiwiň öňkisinden has uly ykdysady bähbitleri gazanmak ähtimallygy bolan ýagdaýynda;
- degişli çykdajylaryň ýeterliligini ygtybarly bahalandyrmak we olaryň şol aktiw bilen arabaglanşygyny tassyklamak mümkinçiligi bolan ýagdaýynda.

Ilkibaşda ykrar edilenden soň maddy däl aktiwler dikeldiş geçirmeleri we arzanlamakdan toplanan ýitgileri aýyrmak bilen onuň ilkibaşdaky gymmaty boýunça hasaba alynýar. Şeýle hem, kärhananyň hasaba alyş syýasatyna laýyklykda, alternatiw usulynyň - täzeden bahalandyrmak boýunça hasaba alnyşynyň ulanylmagyna ýol berilýär. Täzeden bahalandyrmak boýunça hasaba alnyşy, maddy däl aktiwleriň täzeden bahalandyrylan senesine toplanan dikeldiş geçirmeleri we arzanlamakdan toplanan ýitgileri aýyrmak bilen adalatly bahasy boýunça hasaba alynmagyny göz öňünde tutýar. Täzeden bahalandyrmaklyk boýunça hasaba alnyşy degişli obýekt babatynda bazary bolan ýagdaýynda geçirip bolýandygyny

göz öňünde tutmaly. Maddy däl aktiwleriň köpüsi üçin şeýle işjeň bazarlaryň bolmanlygy sabäpli, bu usulyň tejribede giňden ulanmak mümkinçiligi peselýär. Bu usul ulanylan ýagdaýynda, maddy däl aktiwleriň ählisi täzeden bahalandyrylmaga degişli bolup durýar, işjeň bazary bolmadyk aktiwler muňa girmeýär. Şunda işjeň bazary bolmadyk aktiwler hasaba alnanda toplanan dikeldiş geçirmeleri we arzanlamakdan toplanan ýitgileri aýyrmak bilen ilkibaşky bahasy boýunça hasaba alynýar.

Ulanylýan dikeldiş geçirmeleri hasaplamak usuly maddy däl aktiwleriň peýdaly hyzmat ediş döwründe olar boýunça hasaplanan dikeldiş geçirmeleriniň möçberine yzygiderli üzülmegini üpjün etmek bilen, maddy däl aktiwlerde jemlenen ykdysady bähbitleriň kärhana tarapyndan sarp edilişini görkezmelidir. Kärhana tarapyndan ykdysady bähbitleriň ulanylyşyny kesgitlemek mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda, göni usuly ulanylýar.

Peýdaly hyzmat ediş möhletiniň ahyrynda maddy däl aktiwiň bahasynyň başgaça bolup bilmegine subutnama ýok bolsa, onda olar boýunça dikeldiş geçirmeleriň möçberini kesgitlemek üçin soňky güni ýagdaýyna aktiwiň galyndy bahasy nola deň diýip hasaplanylýar. Üçünji tarapyň obýekti peýdaly hyzmat ediş möhletiniň ahyrynda belli bahadan satyn almaklyga anyk niýetiniň barlygy muňa subutnama bolup biler. Ýa-da obýektiň bahasyny kesgitlemek üçin işjeň bazarynyň barlygy hem-de onuň peýdaly hyzmat ediş möhletiniň soňunda şol bazaryň boljakdygynyň ähtimallygy ýokary bolsa.

Maddy däl aktiwler ykdysady bähbitleri getirmegini bes eden ýa-da satylan ýagdaýynda balansdan aýrylýar. Aktiw balansdan aýrylanda ýuze çykýan peýdalar ýa-da ýitgiler hasaba alnyşda girdejileriň ýa-da çykdajylaryň hasabynda hasaba alynýar.

Maliýe hasabatlylygynda maddy däl aktiwler baradaky maglumatlar MHHS (IAS) 38 talaplaryna laýyklykda açylyp görkezilmelidir. Şol maglumatlaryň arasynda aktiwiň peýdaly hyzmat ediş möhleti, dikeldiş geçirmeleriň saýlanan usullary, ulanyş tutumlary hasaba almazdan aktiwiň gymmatynyň we hasabat döwrüniň başy ýagdaýyna toplanan dikeldiş geçirmeleriniň (gymmaty peselenden ýuze çykýan ýitgileri hasaba almak bilen) möçberi, hasabat döwründe maddy däl aktiwleriň hereketi we olaryň bahasynyň üýtgemegi barada takyk maglumatlardyr. Bu maglumatlar maddy däl aktiwiň her görnüşi boýunça aýratynlykda açylyp görkezilmäge degişli bolup durýar.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Buhgalter hasaby we hasabatlar müdirligi

## SELJERIŞ MAKALALARY

# Ykdysady ösüşiň milli nusgasy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda alnyp barylýan ykdysady syýasatyň iň möhüm ugurlaryna önümçilik toplumlarynyň we durmuş ulgamynyň ýokary depginli ösdürilmegi, ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrylmagy, bazar gatnaşyklarynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi ýurduň pul-karz syýasatynyň yzygiderli kämilleşdirilmegine degişlidir. «Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyndan» gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» kabul edildi.

Döwlet maksatnamasy bank ulgamyny we şol sanda banklaryň düzüm birliklerini ösdürmek bilen bir hatarda onuň işini düýpli kämilleşdirmek, banklaryň we onuň düzüm birlikleriniň ykdysady ösüşe täsirini ýokarlandyrmak, şeýle-de, amallaryň we hyzmatlaryň täze görnüşlerini müşderilere hödürlemek, olaryň hil görkezijilerini halkara talaplaryna laýyk getirmek, banklary düşewüntli dolandyrmak ýaly ugurlardan ybaratdyr.

Gözelligi hem nepisligi bilen dünýäni haýran galdyrýan şaý-sepler müňýyllyklaryň jümmüşine siňip gidýän, adamlaryň kalbyna gözellik ylhamyny bagyşlaýan türkmen milli medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolup, häzirki güne çenli özüniň asyl görnüşinde gelip ýetipdir. Asyrlarboýy bu gadymy senediň inçe syrlaryny arkama-arka miras galdyran ezber elli zergär ussalar öz sungatyny yzygiderli kämilleşdirip, ussatlygyň ýokary derejesine ýetmegi başarypdyrlar.

Altyndan we kümüşden, gymmatbaha we sintetiki daşlardan nepis bezeg şaý-seplerini senagat önümçiligi esasynda taýýarlamak türkmen milli zergärçilik senediniň düýpgöter täze bir ugry bolup kemala geldi.

Ýurdumyzda gymmat bahaly metallaryň hem-de gymmat bahaly daşlaryň çig mal, bölekler we taýýar önümler görnüşinde hasaba alynmagyny, saklanmagyny hem-de gaýtadan işlenmegini üpjün etmek maksady bilen Türkmenistanyň Merkezi bankynyň düzüm birligi hökmünde Türkmenistanyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar döwlet gaznasy (mundan beýläk - gazna) döredildi. Ady agzalan gazna ýurdumyzyň bu ugurda iş alyp barýan ýeke-täk döwlet edarasydyr.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Gaznada halkymyzyň ýokary hilli zergär önümlerine bolan isleglerini doly kanagatlandyrmak üçin hemme mümkinçilikler döredilen. Gaznanyň düzüm birligi bolan Türkmenabat şäherinde «Türkmenaltyn» zawody, Aşgabat şäherinde «Zümerret» we «Türkmenaltyn» zergärçilik merkezleri, Balkanabat şäherinde «Göwher-Türkmenaltyn», Mary şäherinde «Tumar-Türkmenaltyn», Türkmenbaşy şäherinde «Altyn Älemi» şahamça dükanlary ýerleşýär.

1996-njy ýylda döredilen Türkmenabatdaky «Türkmenaltyn» zawodynda zähmet çekýänleriň köp bölegini ýokary derejeli hünärmenler, şeýle-de Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň uçurymlary düzýärler.

Zawodyň işe girizilen gününden bäri kärhananyň maddy-tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmak, öndürilýän önümlere bildirilýän ýokary islegleri kanagatlandyrmak maksady bilen olaryň görnüşlerini artdyrmak we hilini ýokarlandyrmak ugrunda uly işler durmuşa geçirildi.

Häzirki döwürde önümçilik kärhanasynda altyndan we kümüşden zergärçilik önümleri, kümüşden milli şaý-sepleri, şeýle-de kümüşden we reňkli metallardan dürli sowgatlyk

önümleri taýýarlanylýar.

Şu günki günde «Türkmenaltyn» zawodynda öndürilýän önümleriň görnüşleri öz içine 3,1 müňden gowrak nusgany alýar, olaryň 625 sanysy milli şaý-sep toplumlarydyr. Gymmatbaha we sintetiki daşlar bilen bezelen we gaş oturdylmadyk, ýüzi syrçalanan ýa-da altyn çaýylan kümüş we reňkli metallardan taýýarlanan zergärçilik önümleri özüniň ýokary hili bilen tapawutlanýar.

Öndürilýän önümleriň bezeg taslamasy işlenip taýýarlanylanda, asyrlarboýy dowam edip gelýän millilik ýörelgelerini we öňdebaryjy dünýä tejribesini, şeýle-de müşderileriň isleg-arzuwlaryny inçeden sazlaşdyrmaga uly üns berilýär.

Zawodda öndürilýän ýokary hilli önümleriň görnüşleriniň üstüni sarp ediş bazarynda barha özgerýän hem-de artýan isleglerden we zergärçilik önümlerini öndürmekde toplanan dünýä tejribesinden ugur almak bilen işlenip taýýarlanylýan täze nusgalar bilen ýetirmek işine aýratyn üns berilýär.

Häzirki wagtda kärhanada önümçilik galyndylaryny gaýtadan işlemek, şeýle-de kümüş we gymmatbaha däl metallardan taýýarlanan şaý-sepleriň ýüzüne galwaniki we nokatlaýyn galwaniki usullar bilen altyn, altyndan ýasalan şaý-sepleriň ýüzüne radiý çaýmak, zergär-





çilik önümleriniň ýüzüni syrçalamak, dürli sowgatlyklary, döşe dakylýan nyşanlary öndürmek boýunça kämil tehnologiýalar ornaşdyrylandyr.

Zawoda degişli bolan ýöriteleşdirilen dükanlarda müşderileriň islegi boýunça ýörite taýýarlanan taslamalar esasynda nepis zynatlary öndürmek, şaý-sepleri bejermek we beýleki işler ýola goýlandyr.

Häzirki günde ýurdumyzyň senagatyň şu ugruna ýöriteleşdirilen ýeke-täk kärhanasynda önümçiligi ösdürmek, taýýarlanylýan önümleriň hilini we görnüşlerini artdyrmak boýunça täze mümkinçilikleri gözlemek we tapmak, bar bolan tehnologiýalary we zergär ussalaryň hünär ussatlygyny ýokarlandyrmak boýunça asylly işler dowam etdirilýär.

«Türkmenaltyn» zawodynda ýüzükdir gulakhalkalar, bilezikler, asmalar, gülýakalar, bukawlar, monjuklar, zynjyrlar, döşe dakylýan nyşanlar ýaly önümleri toplumlaýyn öndürmek bilen çäklenmän, milli sungatyň taryhy äheňlerini durkuna siňdiren nepis şaý-sepler, şeýle-de, syrçadyr tebigy daşlary peýdalanmak arkaly taýsyz owadan sowgatlyklar taýarlanylýar. Türkmen halkynyň zergärçilik sungaty ata-babalarymyzyň miras galdyran gymmatlyk-

larynyň iň techreň çeşmesidir. Bu sungat milli medeniýetiň täsin genji-hazynalarynyň biridir, ol milli öwüşgini bilen bütindünýä gymmatlyklaryny has-da baýlaşdyrýar. Türkmenleriň altyn-kümüş çaýyp, ussatlyk bilen ýasan milli şaý-sepleri dünýäniň naýbaşy muzeýleriniň bezegi boldy, olar barada bütin dünýäde köp sanly ylmy işler ýazylýar, gadymyýetiň bu gymmatly hazynalaryny bäş barmagy ýaly bilýänler we oňa uly sarpa goýýanlar bolsa ýer ýüzünde iň gadymy halklaryň biri bolan türkmenleriň özboluşly we baý medeniýetiniň hem-de dünýägaraýşynyň aýrylmaz bölegi bolan şeýle täsin gudrata has içgin aralaşmak üçin, Garaşsyz, baky bitarap Türkmenistana ýygy-ýygydan gelýärler.

Kärhanada öndürilýän ýokary hilli önümleri satuwa çykarmak boýunça söwda nokatlarynyň sany hem yzygiderli artdyrylýar. Häzirki wagtda «Türkmenaltyn» zawodynyň ýöriteleşdirilen söwda dükanlary ýurdumyzyň Lebap, Mary we Balkan welaýatlarynda ýerleşýär. Şu günki günde şeýle dükanlaryň bäşisinda ilata ýokary hilli hyzmatlar edilýär, olaryň ikisi paýtagtymyz Aşgabatda ýerleşýär.

Häzirki wagtda raýatlarymyza amatly mümkinçilikleri döretmek boýunça geçirilýän işleriň çäklerinde zergärçilik önümlerini ýörite kataloglar arkaly sargyt etmek mümkinçiligi döredilen. Sargytlary gaznanyň şahamça dükanlary kabul edýär we «Türkmenaltyn» zawodynyň üsti bilen bellenilen möhletde ýerine ýetirýär. Mundan başga-da sargytlar diňe bir kataloglaryň üsti bilen däl-de eýsem müşderileriň aýratyn öz islegine görä (eksklýuziw) zergärçilik önümlerini, gaznanyň «Zümerret» zergärçilik önümleri bölümi hem ýasaýar.

Gaznanyň täze edara binasynda dünýä derejesine laýyk gelýän awtomatlaşdyrylan depozit ulgamy hem gurnalan.

Awtomatlaşdyrylan depozit ulgamy – bu robotlaşdyrylan gazna bolup, ol müşderi ta-



rapyndan goraga goýuljak gymmatlyklaryň pugta goraglylygyny üpjün edýär. Ildeşlerimiz ýewropa standartlaryna gabat gelýän bu ulgamyň üsti bilen gymmatlyklaryny depozide goýanlarynda, bu usul olara amaly gizlin görnüşde we örän tiz wagtda ýerine ýetirmäge

mümkinçilik berýär.

Awtomatlaşdyrylan depozit ulgamy 428 sany öýjügi özünde jemleýär. Öýjükleriň görnüşi birnäçe ölçeglerden ybarat bolup, 20 kilograma çenli gymmatlygy saklamaga niýetlenendir. Müşderiniň öz depozit öýjügine barmak mümkinçiligi iş, dynç alyş we baýramçylyk günleri ýöriteleşdirilen iş otagynda amala aşyrylýar. Müşderiniň magnit kartyny ulanmagy we PIN-belgisini görkezmegi bilen, onuň sargydy awtomatiki usulda çykyş terminalynyň üsti bilen ýerine ýetirilýär.

Awtomatlaşdyrylan depozit ulgamynyň işi ýörite programma arkaly ýerine ýetirilýär. Ulgamyň programmasynda ähli mümkinçilikler göz öňüne tutulandyr. Müşderi gymmatlyklaryny goýmanka, edara bilen şertnama baglaşýar, zerur resminamalary tabşyrýar. Soňra operator müşderini, onuň şahsy maglumatlaryny, gymmatlygy goýan senesini we haýsy döwre çenli goýuljakdygyny, müşderiniň islegine görä, öýjügiň görnüşini programma girizmek bilen bellige alýar we müşderä magnit kartyny berýär.

Müşderi ilkinji gezek magnit kartyny ulgama salanda, PIN-belgi ýazmagy talap edilýär. Müşderi ýazan PIN-belgisini diňe özi bilýär. Mundan başga-da ulgamda müşderi magnit kartyny ýitiren ýagdaýynda oňa täze magnit kartyny bermek, PIN-belgisini unudan ýagdaýynda könesini aýryp, täze PIN-belgi ýazmak ýaly mümkinçilikler göz öňünde tutulan. Programma döwrebap we kämil bolup, işleýiş tizligi ýokarydyr. Bu awtomatlaşdyrylan depozit ulgamynyň goraglylyk derejesi ýokary bolup, Şwesiýanyň dünýäde meşhur «Gunnebo» kompaniýasy tarapyndan gurnalandyr.

Aslynda ýokary derejedäki tehnologiýanyň gurnalmagynyň baş maksady ýurdumyzy dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirmek, ykdysady ösüşiň ýokary depginlerini gazanmak, halkyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmakdan ybaratdyr.

Şeýle hem, ýurdumyzyň her bir raýatynyň islegini kanagatlandyrmak maksady bilen, internet arkaly söwda we sargyt etmek üçin gaznanyň resmi web saýtyny döretmek ugrunda degişli işler geçirilýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly
metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasynyň
«Marketing we söwdany gurnamak» bölümi

# SELJERIŞ MAKALALARY

## «Elektron söwda» ulgamy

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlarynda halkara standartlaryna laýyk gelýän innowasion tehnologiýalar, öňdebaryjy maglumat-aragatnaşyk enjamlary işjeň ornaşdyrylýar. Milli Liderimiz döwlet baştutanlygyna bellenen ilkinji gününden başlap ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşyna uly üns berýär. Sebäbi durmuş syýasaty, jemgyýetçilik durmuşynyň durmuş-ykdysady şertlerini sazlaşdyrmak boýunça döwletiň alyp barýan işiniň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Durmuş syýasatynyň baş maksady jemgyýetiň her bir agzasynyň mynasyp ýaşamagyny hem abadan ýaşaýşyň hözirini görmegini üpjün etmekden ybaratdyr.

Arkadagly Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna», «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda ýurdumyzda netijeli pul-karz syýasatyny alyp barmakda, bank işini guramakda sanly ulgamlary ornaşdyrmakda, töleg ulgamyny amatly usulda guramakda, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmekde toplumlaýyn çäreler durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, bank kartlaryndan peýdalanyjylara hödürlenilýän hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak hem-de bank ulgamyna döwrebap hyzmatlary ornaşdyrmak maksady bilen geçirilýän işleriň çäklerinde bank kartlarynyň üsti bilen, hakyky wagt tertibinde hasaplaşyklary geçirmek üçin «Internet-bank», «Mobil-bank» ulgamlary bilen bir hatarda «Elektron söwda» ulgamy hem hereket edýär.

«Elektron söwda» - bu kompýuter torlaryny ulanmak arkaly amala aşyrylýan maliýe we söwda amallary bilen baglanyşykly işini öz içine alýan sanly ykdysadyýetiň bir ugrudyr.

Internet ulgamynyň üsti bilen bank hyzmatlarynyň ýerine ýetirilmegi müşderileriň pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge we amallary tiz wagtda amala aşyrmaga, olara islendik wagtda hödürlenilýän harytlary we hyzmatlary özbaşdak saýlap, nagt däl görnüşinde tölegleri geçirmäge mümkinçilik döredilýär.

Ýurdumyzyň degişli karz edaralarynyň bank kartlaryny ulanyp, harytlary uzak aralykdan satyn almak, ätiýaçlandyryş üçin tölegleri, poçta, aragatnaşyk, telefon, ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň okuw töleglerini, demirýol, howa ýoly peteklerini hem-de şäherara ugurlarda gatnaýan awtobuslaryň peteklerini satyn almak, jemagat hyzmatlarynyň töleglerini, gazet-žurnallaryň abuna ýazylyş töleglerini, jerimeleriň, döwlet paçlarynyň, internet-dükanlarynda onlaýn söwda üçin we beýleki tölegleri internet ulgamynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde amala aşyrmak üçin «Elektron söwda» ulgamy hasaba alyndy. Muňa mysal edip «Altyn Asyr» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti, «Türkmentelekom» elektrik aragatnaşyk kompaniýasy, «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasy, «Döwletenergogözegçilik» kärhanasy, «Türkmenmetbugat üpjünçilik» kärhanasy, Marynyň «Ýeňiş» tikin fabrigi, «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň onlaýn tölegi, «Senagat töleg» hyzmaty, «Türkmenhowaýollary», «Türkmendemirýollary», «Türkmenawtoulaglary» agentlikleri, «Gerekli hyzmat» hususy kärhanasy, «Berk Ojak» hojalyk jemgyýeti, «Saraý», «Nesip etsin» ýaly birnäçe ýuridik şahslara degişli internet sahypalaryny we ykjam programma üpjünçiliklerini görkezmek bolar.

Ýurdumyz boýunça «Elektron söwda» ulgamynyň görkezijilerini aşakdaky tablisalarda görmek bolýar.




Tablisanyň maglumatlaryndan belli bolşy ýaly täjirçilik işini «Elektron söwda» ulgamy arkaly alyp barýan kärhanalaryň sanynyň köpelmegi bilen, 2022-nji ýylyň bäş aýynda bu ulgam arkaly ýerine ýetirilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi geçen ýylyň degişli görkezijileri bilen deňeşdirilende yzygiderli ýokarlanýandygyny görmek bolýar.

Ýurdumyz boýunça 2022-nji ýylyň bäş aýynda geçirilen nagt däl hasaplaşyklarda «Elektron söwda» ulgamynyň paýy geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende yzygiderli ýokarlanýar.

Bu ýerden görnüşi ýaly, soňky ýyllarda ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň kon-






sepsiýasy we Döwlet maksatnamasy esasynda telekommunikasiýa kuwwatynyň artdyrylmagy netijesinde «Elektron söwda» ulgamy ýurdumyzda çalt ösýän sanly ykdysadyýetiň özeni diýsek ýalňyş bolmaz.

Sanly ulgam arkaly geçirilýän hasaplaşyklaryň görnüşiniň we geriminiň artmagy bilen, ykdysadyýet boýunça, nobatlarda durulýan wagtyň tygşytlanmagy, ýolda sarp edilen wagtyň we harajatlaryň tygşytlanmagy ýaly faktorlaryň üsti bilen, zähmet öndürijiligini artdyrmaga we serişdeleriň tygşytlanmagyna itergi berýär.

Bank ulgamyna sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmagyň esasy maksady has köp zähmeti talap edýän işleri awtomatlaşdyryp, maliýe we ykdysadyýet ulgamynyň işiniň tizligini we dessinligini artdyrmakdan, ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmekden, netijeliligini we hilini ýokarlandyrmakdan ybarat bolup durýar. Şeýle hem, milli manadymyzyň ykdysadyýetde dolanyşygy kämilleşýär, tiz pul dolanyşygynyň bolmagy netijesinde bolsa ykdysadyýetde täze önümçilikleriň artmagyna getirýär. Sanly ykdysadyýetiň ösüşi işewürlik we maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrmaga, döwrebap maglumat tehnologiýalarynyň jemgyýetiň ähli ugurlaryna giňden ornaşdyrylmagynyň hasabyna ýurdumyzyň ilatynyň ýaşaýşynyň hilini we ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna täze mümkinçilikleri açýar.

**Ýusup BABAÝEW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginiň
Sanly tehnologiýalar bölüminiň baş hünärmeni

# Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň hyzmatlary ösüş ýolunda

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ähli ykdysady pudaklar bilen bir hatarda bank ulgamy hem barha kämilleşýär. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda esaslandyrylan Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky ýurdumyzyň ykdysady we durmuş maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşýar.

Bank tarapyndan ýurdumyzyň beýleki karz edaralary bilen bir hatarda, sanly ykdysadyýete tapgyrlaýyn geçmek, müşderilerimize sanly bank hyzmatlaryny hödürlemek hem-de bank hyzmatlarynyň hilini yzygiderli artdyrmak, pul-karz syýasatyny netijeli alyp barmak ugrunda dowamly işler alnyp barylýar. Şu günki günde bankyň 23 sany şahamçasy bolup, müşderilere dürli bank hyzmatlaryny ýerine ýetirýär.

Bankyň işjeňligi täjirçilik esasda amala aşyrylýar. Soňky ýyllarda bank tarapyndan hasaba alnan bank kartlarynyň sany has-da artýar. 2022-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna dolanyşyga goýberilen bank kartlarynyň sany 964,9 müňden geçdi, olardan «Goýum bank karty» 63,5 müňe ýetdi, «Maşgala» bank karty 9,6 müňden we «Owerdraft» bank karty 4,3 müňden geçdi. 2022-nji ýylyň 1-nji iýuny ýagdaýyna ornaşdyrylan töleg terminallarynyň sany 7,8 müňden, ornaşdyrylan bankomatlaryň sany bolsa 430-dan geçdi. Şeýle-de bank tarapyndan hödürlenilýän «Internet bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany 261 müňden, «Mobil bank» hyzmatyna birikdirilenleriň sany bolsa 10,7 müňden geçdi. Bu görkezijiler sanly hyzmatlardan peýdalanýan raýatlarymyzyň günsaýyn artýandygyna şaýatlyk edýär. Şeýlelik-de bankomatlaryň, terminallaryň, «Internet-bank», «Mobil-bank» we «Elektron söwda» ulgamlarynyň üsti bilen geçirilýän nagt däl  hasaplaşyklaryň möçberi barha artýar.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna», «Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda, ýurdumyzda netijeli pul-karz syýasatyny alyp barmak işleri giňden ýola goýulýar. Şonuň netijesinde maliýe bazaryny düýpli ösdürmek, bank ulgamyna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine çykarmak, pul-karz dolanyşygynyň ýagdaýyna täsir etmek arkaly bazaryň isleglerini kanagatlandyrmak we beýlekiler babatda anyk wezipeler durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky, ýurdumyzyň raýatlaryna olaryň süýşürintgilerini banklara ýerleşdirmeklerini höweslendirmek maksady bilen, «Bagtyýar lukman», «Rowaç goýumy» «Bagtyýar nesil» ýaly amatly goýum hyzmatlaryny hem hödürleýär.

Bank tarapyndan raýatlarymyza ýokary göterimli «Goýum bank karty» hyzmaty hem ýerine ýetirilýär. «Goýum bank kartynyň» eýeleriniň galyndy pul serişdelerine degişlilikde 7 göterim möçberinde ýyllyk göterim hasaplanylýar we tölenilýär. Şeýle hem, «Goýum bank kartynyň» eýelerine islendik möçberde nagt puluny goýmak, töleg terminallaryny, «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlaryny peýdalanmak arkaly nagt däl görnüşde tölegleriň dürli görnüşlerini amala aşyrmak, zerur halatynda kartdan nagt puly almak, bankomatlar ýa-da internet ulgamy arkaly goýumdaky puluň we



toplanan göterimiň möçberini bilmek ýaly mümkinçilikler berilýär.

Bankymyz dürli hilli karz hyzmatlaryny hödürlemek bilen, ildeşlerimiziň döwrebap bank hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmakda degişli işleri yzygiderli amala aşyrýar. Şeýle hyzmatlaryň biri hem «Owerdraft» bank hyzmatydyr.

«Owerdraft» karzy» – söwda we hyzmat ediş nokatlarynda nagt däl hasaplaşyklar geçirilende «Altyn asyr» bank kartynyň galyndysy azalyp, töleg geçirmek üçin pul serişdeleriniň ýetmedik ýagdaýynda, müşderä bank tarapyndan awtomatiki usulda berilýän gysga möhletleýin karz serişdesi bolup durýar. Adaty karzlardan tapawutlylykda, «Owerdraft» karzy dikeldilýän karz bolup durýar, ýagny müşderi bir gezek banka bu hyzmaty açmak üçin arza berenden soň, şertnamada görkezilen möhletiň dowamynda bu bank karzyndan banka barmazdan zerurlygyna görä awtomatiki usulda alyp we yzyna gaýtaryp bilýär.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň işini has-da ösdürmek üçin, ilkinji nobatda sanly ulgamyň, täze hyzmatlaryň, maliýe täzeçillikleriniň girizilmegi zerurdyr. Bankymyz tarapyndan ornaşdyrylan «Owerdraft» bank karz hyzmaty ýurdumyzda ornaşdyrylýan maliýe täzeçillikleriniň nobatdakylarynyň biridir.

«Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek, raýatlara hödürlenilýän sanly hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak maksady bilen, bankymyz tarapyndan ýokarda agzalan bank karzyny «Owerdraft karty» atly bank kartynyň üsti bilen ýerine ýetirmek boýunça mümkinçilik döredildi.

«Owerdraft karty» atly täze bank kartynyň kömegi bilen, hasaplaşyklar nagt däl görnüşinde geçirilende müşderiniň aýlyk zähmet haky geçýän bank kart hasabyndaky pul serişdeleri ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, bank bilen baglaşylan şertnama laýyklykda müşderiniň «Owerdraft karty» hasabyna kesgitlenen çäklerde awtomatiki usulda gysga möhletli karzlary resmileşdirmäge mümkinçilik berilýär.

Geçirilýän bu işleriň ählisi sarp edilýän wagty we harajatlary tygşytlamaga, amallary öz wagtynda geçirmäge, goşmaça girdeji çeşmelerini emele getirmäge, şol sanda, ilatyň ýaşaýyş durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Bu bolsa, hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr!» diýen ynsanperwer ýörelgesiniň öz beýanyny tapýandygyna şaýatlyk edýär.

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan yzygiderli ilata hödürlenýän döwrebap sanly bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmekde giň mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Oguljemal BEKOWA,**
Türkmenistanyň «Tükmenistan» DTB-niň
«Kesarkaç» şahamçasynyň
Karzlaşdyryş we hasabat bölüminiň esasy hünärmeni

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

### 2022-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat

### Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2022 г.




### 2022-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat

### Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2022 г.




### 2022-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany

### Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 июля 2022 года




### Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)

### Структура активов кредитных учреждений, (в %)



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
## Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2022-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 июля 2022 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
## Кредиты кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Кредиты кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2022-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
## Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 июля 2022 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
### Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.07.2021 | 01.01.2022 | 01.07.2022 | 01.07.2022<br>01.01.2022-e,<br>%-de | 01.07.2022<br>01.07.2021-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **11** | **10** | **10** | *100,0* | *90,9* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 4 | 4 | 3 | *75,0* | *75,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 4 | 4 | 5 | *125,0* | *125,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 2 | 1 | 1 | *100,0* | *50,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **147** | **147** | *100,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | **5 952 426** | **6 119 332** | **6 321 127** | 103,3 | 106,2 |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | **8 224,8** | **8 581,5** | **8 564,5** | 99,8 | 104,1 |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **6 213,6** | **6 362,3** | **6 616,1** | 104,0 | 106,5 |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **6 222,99** | **4 876,68** | **8 992,76** | *184,4* | *144,5* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **73 380,65** | **78 608,05** | **84 320,65** | *107,3* | *107,1* |
